# Ykbal ýollarynyñ çatrygynda / goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ykbal ýollarynyñ çatrygynda / goşgular

YKBAL ÝOLLARYNYÑ ÇATRYGYNDA

"Bu dünýä bir kerwensaraýdyr,
Gelen ýük ýazdyryp geçip baradyr".
Magtymguly.

■ YNANJYM

Watan,
Watanterki bolmak seň gujagyňda –
Dogmadyk çaga deý ene göwsünde.
Uly betbagtlyk,
ol uly günä,
Ýürekden asylan bir agyr künde.
Watan,
sen mukaddes düşündirerden,
Bolmaz seni söýmän jahanda ýaşap.
Bil sen,
irde-giçde gitmeli bolsa,
Men gidýän däldirin söýmekden ýadap.

■ HAKYKAT

Kaýyl bolsaň,
Taýyn bolsaň
Ahmyr etmezlige
Ömür ýoluň tamam bolsa-da haçan.
Öz ölmüňi özüň ykjam oňlaňsoň,
Bilýän, hiç gyssanmaz gelmäge ajal.
Gelmez gynanmaga hiç zat bolmansoň…

■ GUDRAT

Şu gün seniň gözleriňde
Bulduraýan gözýaş gördüm.
Şu gün seniň gözleriňde
Goşalandy meniň derdim.
Çogup çykan ahy-nala
Diňer ýerde diňmedi.
Şor damjalaň ýekejesem
Ýaňagyňa siňmedi,
Diňe gözüňdäki gözýaş
Çekdi meniň ünsümi.
Ýöne seniň beýle derdiň
Düýnkümi ýa şu günkümi?!
Bilip bilmedim ony men,
Gözdäki ýaşyňda many kän eken.
Öňem görünýärdi gözleriňde ýaş,
Ýöne oňa hiç kim düşünmän eken.
Ynha,
kyrk ýaşamak gerek ekeni,
Kän zatdan ýadamak gerek ekeni.
Näzden dörän ýaş däl,
Bu günki gözýaş.
Jemlenipdir bir ykbal bir damjada –
Ýar mährinden ganmakdan
Dörän ýaş däl,
Bu gözýaşda başga-başga many bar,
Ömür hakda bar üýtgeşik çakylyk.
Jemlenipdir bir ykbal bir damjada
Şor damjada
geçen,
geljek,
bakylyk.
Bu zatlaryň baryn görýän,
Ýöne seň gözlerňi görüp bilemok.
Ähli zatdan,
öz-özümden gabanyp,

Hany, meniň öňki öpen gözlerim?!
Sy:r perdäni,
Göter gözden gabagyň.
Gizlediňmi göreçlerňi
Bu dünýäniň syrlaryndan,
Ynsanyň döreden ýagtylygynyň
Älemi bürejek güň tümlüginden,
Meni heläk edýän ähli sowallaň
Jogabyn tapaýyn
Seniň göreçleriň iň çuňlugyndan…
Tanyş alamatlar duşmady maňa
Saýgaryp bilmedim,
seretdim ýene.
Sen meniň aňymda galypsyň baky
Mährem gelin bolup,
näzli gyz bolup,
Bu gün sen ENE!
Süpürjek boldum men gözdäki ýaşy,
Ýöne gözler gury eken…
Kiçijik derdimi gözledim ondan,
O gözlerde bolsa giden bir dünýä!..
Ýeriň öz okundan sypmagy mümkin
Ynsan ene görejine bakmasa.
Älemi hiç bir zat ýandyryp bilmez,
Enäniň gözýaşy ony ýakmasa…

■ ÝOWUZLYK

Geçen asyrda –
69-yň gary!
Ýetip geldi talyplara dynç alyş,
Olaryň bary
Kynçylyga bakman,
Aýaza bakman,
Ugrady merkezden öýlerne sary,
Mähriban ojaga ýetmeli hökman.
Üç oglan iki gyz –

Bäş kişi bolup,
Daňyň aýazynda düşdük wokzalda.
Gymyldy ýok,
hereket ýok hiç hili,
Onsoň ähli kişi birmezňeş halda,
Her hili zat gelýär argyn hyýala.
Ahyry jem bolup,
Oba tarap ýola düşdük pyýada.
Bize çenli,
ynha,
şu ýoldan geçen
Ýekeje ulagyň çuň yzy bilen
Obamyza tarap haýdap ugradyk,
Bir göni hatara düzülip bizem.
Şatlama aýazdan saň gaty bolan
Howa gysyp-gowrup barýar göwräňi.
Näçe mertlik etjek bolsaňam häzir,
Hiç saklap bolanok titreýän äňi.
Ýarpy ýol geçildi,
Ýöne bu sowuk,
Demiňi daraldyp,
Gany doňduryp,
Öz erkine alyp barýar bedeni.
Şol mahal göründi şäher tarapdan
Iki sany ulag –
üsti bedeli.
Iki elimizem galdyryp oňa
Gygyrdyk biz
Ýa gygyrýan ýalydyk.
Durar öýtdük olar ejizligmiziň
Alamatyn görüp
Ýa sesin diňläp.
Ýöne säginmedi olaň hiç biri,
Gitdi ahymyza maşynlar iňläp.
Hopukdyk biz birden umytsyzlykdan,
Ýeri, indi kim ýetişsin dadyňa?!
Kirpikler kirpigi ogşan ekeni.

Ýöne ejizligi gören badyňa,
Bedäni saklaýan ýogyn tanaplar,
Şolaram azajyk gowşan ekeni.
Gözýetimde gaçdy bedeleň biri,
Oňa çenli ýoly geçmek kyn däldi.
Bede umyt ody bolup köredi,
Ejizlik,
erksizlik pyglyndan dändi.
Meýdanyň bol ot-çöpünden ýygylyp,
Daş ýaly daňylan bedäň dessesi
Gysylan ýüregiň halkasyn çözüp,
Eretdi sowukdan doňan sesleri…
Belki, tomsuň jöwzasyny bedende
Saklan otlar halas etdi ölümden.
…Ulagdaky adamlary ýatlamok,
Tanajak däl eger çyksa öňümden,
Biljek däl men olar ýagşymy-ýaman,
Olar däl-de, bede bizi ýylydan.
Ýatlaýaryn gyzlaň gözünden daman
Begenç gözýaşlarny ýygy-ýygydan.

■ ILKINJI SAPAK

Gözi çyzylmadyk pişik çagasy –
Entek kellesinem saklap bilenok.
Galyp bilenok ol aýak üstüne,
Emmäň nirdelignem çaklap bilenok.
Ýöne dek ýatanok diňe garaşyp,
Ömrüň gözbaşyny ýadaman yzlap,
Özi üçin gerlip ýatan enäniň
Garnynyň bar ýerin çykdy ol ysgap.
Şonda ak pişigiň iýmeşik tüýi
Iňňe bolup çümdi näzik temege.
Emma, el çekenok çaga pişijik
Islegne ýetmäge ymtylýar ýene.
Göreş gerek bu maksada ýetmäge
Gaçsa-da ysgynyň,

gaçsa-da güýjüň.
Onuň barha basym ösýän duýgusy,
Aldy ine,
ýiti ysyny süýdüň.
Munda bir zat päsgel berýär,
bökdeýär,
Nämüçin ol öz kellesin sokmaýar?
Sebäbi enäniň emmesin häzir
Başga bir pişijik ykjam sokjaýar.
Pişigiň emmesi az dälem bolsa,
Bu taýy gyslyşyk,
oňa bu ýer dar.
Entirekläp giden çaga pişijik
Aga meňzeş naýynjar ses çykarýar.
Äpet ene pişik ýatyr gerilip,
Bakýar bu ahwala gözüni süzüp.
Ýatyr öz bagryndan önen çaganyň
Çekýän azabyna mejbury dözüp…
Ynanýar ol berer ilki synagyn,
Alar onsoň öz ilkinji sylagyn!

■ UMYTLY GÖRNÜŞ

Güýz pasly gelipdir,
ýapraklar tänip,
Asman-Zemin aralygy golaýlar.
Goýalan aklyňy haýrana goýup,
Birçak undan arzuwlaryň oýanýar.
Hozuň gabygy deý gatan beýniňi
Oý-pikirler heläk edýändir gazap.
Azat bolmak üçin beýle çirtmekden,
Gerek däl arzuwdan başga hiç bir zat.
Puşman gelmez ýaly göwne gussadan,
Dury ser
hem giňiş gursak bolmaly.
Ilerde gyzaryp, şapak ýaşansoň,
Nurly Gün

hem ajap pursat bolmaly.

## ■ ÝARA

Söz azaşdy märekede.
Azaşan söz saldy ýara.
Iki kişiň abraýyny,
Ýekeje söz çaldy ýere.

Ýaşy ortadan aganyň,
Gahar böwedi ýazansoň,
Erbet sözler aldy dile,
Gazaby hetden agansoň.

Jahyl ýigit çydajakdy,
Ýara düşse-de tenine.
Ulam bolsa, çenden çykdy,
Ýeri, nädersiň sen, ine…

Tüýdüp taşlap biljekdi ol,
Göz açyp ýumar tizlikde.
Ýöne öz deňiň bolmasa
Beýle etmek ejizlikdi.

Gitdi,
               çydap gezdi köp ýyl,
Ýürekden tasma alnan deý.
Gezdi ejir çekip,
                                      içe
Dogmajak çaga salnan deý.

Geldi bir gün hälki kişi,
Ýaňky jahylyň ýanyna.
Kynam bolsa, şol wakany
Saldy ol onuň ýadyna:

– Gelersiň öýdüp garaşdym,
Mert ekeniň, gerçek ýigit!
«Wah» diýsem, namart bolaýyn,

Jany saňa berjek, ýigit.

Dymyp gezdim ençeme ýyl,
Göterip ahmyr ýüküni.
Ejizletdi elhenç kesel,
Görýäň-ä gitdim bükülip.

Bu ömür däl, beýle ömri
Ýolundan sowan bolaýyn.
Öt günämi, seniň bilen
Ömürlik dogan bolaýyn.

Gujaklaşdy iki dogan,
Ahmyr kirin gözýaş ýuwdy.
Garaňkylyk sumat boldy,
Iki kalpda Güneş dogdy.

Beýle bagtyň belentligni
Bulaň ýanna gelen görer.

■ GORKMA

Howply syýahata baş goşupdyryn,
Belki, oň jebrini öňünden aňman.
Manyly ömrümiň bütin dowamy,
Gitjek bolupdyryn arzuwdan galman.
Ganman sadalygyň beren bagtyndan
Gulluk edipdirin diňe ynsaba.
Ýöne ömür harlanmadyk wyždanyň
Ejir berip bilýär eken ynsana.

■ SOWAL

Suw bermeýän gurruk guýa,
Köp bolup tüpeň ataýsaň,
Çogup çykýarmyşyn suwy.
Biten gözler açylýarmyş,
Bendi suwuň çözlüp towy,
Şo gözlerden atylýarmyş.

Üns berseň muňa gowy,
Çykarýarsyň şeýle many:
Duran zady gozgamaga
Şeýle bir güýç gerek ýaly.
Ençe ýyllap geplemedik
Bir zada beter begenip,
Birden dil açýar,
saýraýar.
Köp wagtlap batyl bolan
Bir urgudan gözi görüp,
Begençden gözýaş paýraýar.
Bir sebäp bolup durmuşda,
Bir bisypat,
myrtar kişi
Üýtgedýär pygly-netini.
Başga adam bolup gidýär
Özgerdip öz häsýetini.
Biziň barymyz bilýäris,
Eger parahatlyk bolsa,
Ýaşamaga şat, bagtyýar,
Zeminiň göwsünde gün kän.

■ SYR

Gara leglek,
Gara leglek,
Syrly sen,
şoň bilen özüňe çekýäň,
Belli däl geljegiň,
gizlin geçmişiň.
Ýöne näme üçin beýle gizlenýäň,
Barmyka ýa bir ullakan etmişiň.
Gizlenmeli bolsa etmişli eger,
Durmuşda azmyka etmişli, eýsem?
Çykar gara ýapynjaňy egniňden,
Edil ýaňkylar deý ak eşik geý sen.
Belki, sen durmuşda biçak namysjaň,

Belki-de, bir ýerde göwnüňe deglen,
Duran dälsiň onsoň bu jelegaýda,
Diýensiň: «Bu belent başymy egmen».
Neslini köpeltjek bolanda leglek,
Gizlin edýär,
görkezenok garasyn.
Akja ýumurtgadan ak leglek çykýar,
Soň ýapynýar ol durmuşyň garasyn.
Belki, leglek durky,
durmuşy bilen,
Ägä bolmaklygy ýatladýar bize.
Ähli säwligmizi sapak hökmünde
Miras goýmalydyr nesillermize.
Gara leglek,
seň täleýňe degişli
Sowal kän-de,
tapylanok dürs jogap.
Çuň hoşal men,
elmydama sen şeýdip,
Adamlaň aňyny dur sen gorjalap.

■ HOWSALA

Özüňi bütinleý erkin duýaňok,
Kalbyňdan çykanok düşnüksiz gorky.
Iňkis bar,
ünji bar birden barýarkaň,
Görmän galaýjak dek bir düýpsüz gorpy.
Begenseň,
şat bolsaň ahyrna çenli,
Güleňde, älemi sarsdyryp gülseň.
Şady-horram bolup bolmaz mydama,
Ýöne ejir çekýän zadyňy bilseň.
Düşünseň,
ynansaň,
ýetseň anygna,
Tapyp boljak,

edip biljek emini.
Häzir käte ýürek şeýle gysylýar,
Dünýäňi daraldyp gysýar demiňi.
Üns bermän gezseň, ýitip gidenok,
Möwç alýar, eger-de çala gozgasaň.
Hiç bir zada baş egmeýän ýürekde
Belki, elmydama geçýär gozgalaň.
Gelmejek geljege gyssanmaklyk bar,
Çäksiz isleg,
ham-hyýala atlanmak.
Belki, öz işiňden,
öz durmuşyňdan
Ýokdur,
bolmazam hiç kanagatlanmak.
Ýöwsel bolup, ýöne gaýgy büren däl,
Erkine boýun edip bilmez hiç pelek.
Düşünýän men ýaşap bolmajagyna,
Eger kynçylygy ýeňip geçmesek.
Şonda-da gabykdan çykyp bolanok,
Ganatyňy ýaýyp bolanok erkin.
Belki, bu ýagdaýa beletdir köpler,
Sebäbin özüçe bilýändir her kim.
Ýalaňaç gelinýär ýagty jahana,
Gelnenok bu dünýä taýynlyk bilen.
Belki, razy bolmalydyr bar zatdan,
Bakmaly bar zada kaýyllyk bilen…
Beýle sowallary özüne berýän
Köp däldir,
bilýändir galmaz geýregiň.
Şahyr ykbalyňa razy bol, gardaş,
Indiden soň oturma sen zeýrenip.

■ ÇAKLAMA

Kän ýatdym men,
Bimar bolup, uzak ýatdym,
Barha gaçdym ysgyndan.

Bimar bolsaň, ähli zatdan bizar sen,
Bu dünýäniň gyzygyndan,
yşkyndan.
Sen gelmediň
Sen habar almadyň,
Öz mähriňi gysgandyň.
Keselhana örän giňdi,
Kyndy ölçemek çägini,
Adaty şäher ýalydy.
Onda-da işe gidilýär,
Işden gelinýär,
Dynç alynýar…
Ýöne durmuşyň tagamy
Munda başga ýalydy.
Dogry,
munda ähli zat bar,
Diňe kem zat –
Saglygyňa doly ynam.
Onam
Perman bilen
Ýa-da derman bilen
Ýürege siňdirip bolanok,
Sen gelersiň öýtdüm,
Ýöne gelmediň,
Ýa-da meniň bimarlygmy bilmediň.
Emma soňra gelmeýänňe begendim.
Meni tanaýan mahalyň,
Men bagtlydym,
Şadyýandym,
batlydym,
Ýetäýjek ýalydy bar zada erkim.
Indi o zatlardan galdy ýatlama,
Şol ýatlama bilen ýaşap ýör her kim.
Belki, gözleseňem tapmarsyň meni,
Meger ynsan biri-birinden bizar.
Ýöne bu dünýäniň çägi juda giň,
Belki, senem munda ýatansyň bimar…

■ SYRLY GALA

Obamyzyň gaýrasynda bir gala
Otyr ençe wagt,
belki köp asyr.
Ýöne-möne zat däldigi bildirýär,
Her ädimi taryh,
her ädimi syr.
Oň nähili galadygny bilýän ýok,
Haçan binýat goýlup,
ol haçan gurlan?
Sorag alamaty bolup garaýar,
Garraýar ol –
diwarlary ýumrulan.
Bu gala taryha bizden has belet,
Belet gohly döwrüň nesillerinden.
Oň ýadynda bedew aty arladyp,
Atalaryň geçişleri öňünden.
Eglenmäge,
säginmäge pursat ýok,
Diňe öňe,
öňe hüjüm etmeli,
Ýeňişli menzile baryp ýetmeli.
Köne galaň gyssanmaly ýeri ýok,
Otyr gymyldaman wagt çäginde.
Käte arzuw edýär gyssanmaç adam
Bir pursat eglense,
çala säginse,
Baksa geçmişiniň sahypasyna,
Oň bilen aýrylmaz baglanşyk duýsa,
Bäşýyllyk hakda däl,
bakylyk hakda
Bolmanda, azajyk oýlanyp dursa,
Bilse başyň belent bolmagy üçin,
Köküňi has çuňa urmalydygny.
Aralaşmak üçin taryh gatyna,
Akyl burawyny burmalydygny…

Köne gala şemal bilen sözleşýär,
Ondan başga söhbetdeş ýok,
syrdaş ýok.
Sowlanok bu gala ýiten ýoda-da,
Hol beýleden geçip gidýär dogry ýol.
Gepleşip,
sözleşip bilmese-de ol,
Biziň halymyzy bilýän ýalydy.

## ■ BAGTYŇ MANYSY

Säher bilen ömür hakda oýlandym,
Diň salyp guşlaryň jürküldisine.
Razy boldum bu ýaşalan ömürden,
Diň salyp ýüregiň gürsüldisine.
Ýylmanak däl gurlan ömür sütüni,
Howalanyp duran däl beter äpet.
Ýöne her halkasy,
her bogny üçin
Berip biljek ynsabyma hasabat.
Onuň berk bolmagna goşant goşan kän,
Başda onuň düýbün tutsamam ýeke.
Bir pursat yransa güýçli sarsgyndan,
Perzentlem,
dostlarym bererler tekge.
Ýaşalan ýyllaryň harpygy kändir,
Kändir olaň sypal bilen samany.
Ýitirsemem ýagşylygmyň hasabyn,
Unutmaryn ýamanlygmyň sanyny.
Olaň hersi üçin göterip ýörün
Kiçijik ýürekde ullakan deşik.
Çäksiz giň boşlugy döredip biljek
Ahyrsoňy olaň bary birleşip.
Belki-de, bu meniň göwnüme şeýle,
Belki, men özüme daraşýan myrtar.
Ýöne her bir ömrüň hasaby başga,
Her kimiň özüne kän sowaly bar…

Säher bilen ömür hakda oýlandym,
Ömür bormy, onda sowal bolmasa?
Gitseň sen aýlawsyz,
girdapsyz ýoldan,
Pellehana çenli zowal bolmasa.
Ynjydan,
ünjüden ýüregiň sanjyp,
Berilen nesibiň tutuş bolmasa,
Göreşip,
kä ýeňip,
käteler ýeňlip,
Esasy söweşde utuş bolmasa…
Näçe gözleseňem, çykaryp bolmaz,
Ýata suwa meňzeş ömürden many.
Säher bilen ömür hakda oýlandym,
Soňra ahmyr edip kösenmez ýaly.

■ SENIŇ ORNUŇ

Çölüň jümmüşine seýrana çykdyk,
Ýaz bolansoň, galyň eşik geýmedik.
Alaňlardan aşyp,
gollardan aşyp,
Ojarlaryň gür ýerini peýledik.
Hemme tarap meňzeş ýaly bolup dur,
Şu gözlegiň özem gözellikmikän?!
Bir oýtak ýerini saýlap aldyk-da,
Edil şol ýerini edindik mekan.
Mahmal howa munda bagryna basdy,
Kaýyl sowgy söýýän ýa-da üşegen.
Ýyly toprak namazlyk deý päkize,
Gerek däl bu ýerde ýazmak düşegem.
Biz bu gije munda ýatyp gitmekçi,
Basym gelip-gitmek üçin gelmedik.
Sazagyň başyna gök ýaglyk baglap,
Mekan tutan ýerimizi belledik.
«Ony et, muny et» diýmek gerek däl,

Her kim özüne bap işe güýmenýä.
Häzir bu oýtakda başga bir älem,
Sen onuň daşynda dursuň,
eý, dünýä!
Şeýle asudalyk,
gulak şaňlaýar,
Eşdilenok ulag sesem,
it sesem.
Ot ýakyldy,
gondy gara taňka-da,
Em ekeni ýanýan oduň tüssesem.
Köp ýyllardyr dostlar bilen çykýarys,
Galsaň,
bu hatardan seň elendigiň.
Diňe şu pursatda duýulýar eken
Seniň pany dünýä giç gelendigiň…

■ ŞAGALAŇ

Toýuň dabarasy doldy äleme,
Asmana galypdyr toýuň şowhuny.
Häzir bu dünýäni joşgun gaplansoň,
Ykbal ýatdan çykdy – şowly-şowsuzy.
Ýatdan çykdy uşak-düşek alada,
Gussa bu gün boşluklary sermesin.
Aýagnyň astynda ählije derdi,
Nesip eden öz bagtyndan sermesiň.
Toýlar dürli-dürli tutulsalar-da,
Ruhy meňzeşdir ähli toýlaryň.
Aýlawa goşulýan buýsançly atlar
Ýeri gazap,
taplap durlar toýnagyn.
Dabara kalbyny gapdyran ýaşlar
Edip-goýýanlarny hiç bilenoklar.
Wah, başga birine degmese bolýar
Otlukly gözlerden atylan oklar.
Ajap sazlaşyk bar toýuň süňňünde,

Munda bar zat habar berýär ba:kydan.
Çar ýanda çogup dur mähir-muhabbet,
Has artyk görünýär ýürekdäkiden.
Burum-burum bolup galýar hoş owaz,
Sazyň özi ganyp bilenok sazdan.
Möwç urýan tolkuny saklajak güýç ýok,
Saklaýmasaň ony ýöne az-azdan.
Badyhowa hasap etmäň sözlermi,
Aýdan sözlerimden asyl-ha dänmen.
Toý waspyny etjek soňky perdä çen,
Ýöne özüm toýuň içinde däl meň…

■ EGER ŞEÝLE BOLSA

Ýeke damjasynda seniň gözýaşyň
Ýüzüp çykabilmän heläk bolaryn.
Eger çytylaýsa seniň göz-gaşyň,
Bagtly günlerimi eläp bolaryn.
Bagtly günlerimiň merjen-düründen
Boýnuňa dakaryn gözmonjuk ýasap.
Öz gözüm degmese,
başgaň işi ýok,
Asyl men başgany edemok hasap.
Meň bolup ýörşümi duýýanam dälsiň,
Derdim çür depämden çykýar tüsseläp.
Kyn söýgi labyrnyň astynda galmak,
Hezillik däl eken onuň üstem-ä.
Şeýdip ýörün men-ä, söýýänsiň öýdüp,
Ýogsa bir gezegem: «Söýýän» diýmediň.
Kalbymy,
jigermi iýýän yşk ody,
Belki, meni hoş owaza güýmedi.
Bihuda tutda-bas bolup ýörmükäm,
Asylha sen meni söýeňogammy?!
…Müňkürlik bogaza tegek boldy-da,
Meniň söýgim şol pursatda ýogaldy.
Söýgini ýitirmek aňsat ekeni,

Söýgini,
söýgiňi gözläp tapandan.
Ýitirdim özümi men ömürbaky
Ýa-da halas boldum ýa:zjak gapandan.
Bu bulam-bujarlyk ýitip gitmedi
Meniň gan basyşym düşürer ýaly.
Özüm düşünmämsoň bolýan zatlara,
Diýmäň: «Däl goşgyňa düşüner ýaly»…

■ PURSAT

Çakylyk bilenmi
ýa ýöne şeýle,
Toplandy asmanda gara bulutlar.
Men görüp dursamam bolýan zatlary,
Biperwaýdym,
men baryny unutdym.
Ine-de, birdenem gök gürrüldedi,
Dilindi bu boşluk arany germän.
Ýöne bu takyrdy piňime-de däl,
Men bakýan ýalydym oňa äsgermän.
Soňra çözülensoň asman bujagy,
Zemine döküldi iri damjalar.
Bu bolýan ýagdaýa göwnüm bir ýaly,
Damypdyr-da ol damjalar, damsalar.
Älemi ýagtyldyp, ýyldyrym çakdy,
Hatda goja Zemin gitdi ýyrtylyp.
Hyýal bilen hakykatyň arasyn
Gyrkyp taşlan ýaly otly gyrkylyk.
Bulutlar dargady,
deprekler dymdy,
Ýyldyrym çakanok,
neçün, aňmadym.
…Bu pursat meň sesim duýuljak däldi,
Indi welin,
hezil edip agladym.

■ NETIJE

Göz!
Müňlerçe wakanyň şaýady bolduň,
Bakdy saňa açyk,
ýapyk gapylar.
Seniň haýran galyp bakan şekliňden
Utanan başga göz,
belki, gapylar.

Gulak!
Mümkin däldir ähli zady diňlemek,
Sansyzdyr bu dünýän sesi-sedasy.
Şumluklardan aryp,
ýadap ýalandan,
Bolýansyň hoş sözüň mydam gedasy.

Dil!
Mydam diýjegiňi diýip bilmäňsoň,
Gelendir dynasyň, öz-özüň köwläp.
Seni dişlän dişler pytyrap gitdi,
Ýöne senem galdyň, indi sakawlap.

Ýürek!
Şaýat bolup bilmediňmi sen entek,
Ähli arzuwlaryň hasyl bolanna?
Bir duşuňdan geçip gidensoň gelmez,
Onuň üçin sen yzyňa dolanma.

Aýak!
Sen mydama öňe hereket edip,
Bar zatlardan barha gidýärsiň uzak.
Haçan togtajagyň belli däl,
çünki
Ýoluňda garaşýar ýazmadyk duzak.

El!
Ykbal saňa ýüzmekligi owretdi,
Umman deý durmuşyň goýnuna oklap.
Ýagşy zatlar akyp gitdi suw kimin,

Köpügini alyp galdyň gujaklap.
Men
Öz ömrümden juda,
juda hoşaldym,
Bu gün men aldanan ýalyrak duýdum.
… Men bar zada ahyrna çen ynandym
Hem hasyl bolmajak zatlara uýdum.

## ■ PURSATDAN BIR PURSAT

Ýüzünden nikabyn syran altyn Aý
Öň gaçan bolmaly ýa indi gaçjak.
Ana, ganat kakyp barýan durnalar
Toýnuk gurup uçup barýalar başşak.

Dogjak Güneş ýol ýasady kümüşden,
Çykdy gözýetimi başa büremän.
Bir ýerlere barýan bulut kerweni
Süýşýär bir-birine asla büdremän.

Dogan günden gudrat alan guşlaram
Suw üstüne gaçyrdylar posasyn.
Hem ýazdylar yşkdan dörän mukamyň
Soňra bozulmajak ajap notasyn.

Otyr bu dünýäniň sakçysy ýaly
Ýok bolan agajyň gara töňňesi.
Ýanyndaky syrdam boýly deregiň
Özünden has uzyn düşýän kölgesi.

Başyňa çek ajap asudalygy,
Ömrüň her pursatyn artyk saýma-da.
…Bu zatlaryň bary görünýär häzir
Kölüň ýüzündäki dury aýnada.

## ■ YNJALYKSYZLYK

Ýadymyň çuňundan çykardym seni,
Garaňkylyk,

saýgaramok keşbiňi.
Göwnüme bolmasa,
tanaýan ýaly,
Ondan bäri ýoňsuz zaman geçdimi?!

Unutsamam, meni unudan dälsiň,
Unutsadyň,
ýok bolardyň bireýýäm.
Seň ýanyňa ýetmek üçin täzeden
Şol döwürde geýen eşigmi geýýän.

Ýöne hereketim juda haýal meň,
Eglenýän tümlügi ýöne ýüzübermän.
Ýetendirin öýden pursatym bolsa,
Bakmadyň hiç,
asla maňa ýüz bermän.

Aýalmy,
erkekmi seljerilmeýär,
Aňlamagam aňsat däl oň sesinden.
Ýakynymy-ýady geçirdim serden,
Men haraý isledim hemmejesinden.

Sen nämüçin bu gün ýadyma düşdüň,
Ýa öň näme üçün çykdyň ýadymdan?!
Beýdip çykjak bolsaň eger bir ýerden,
Aýrylmaly däl ekeniň ýanymdan.

Tanan bolsam,
bada köşeşerdim men,
Indi heläk bolýan seni tanaman.
Öňler öz ýadymyň hökümdarydym,
Indi boldum men ýadyma talaban.

Meň ýadyma ýalňyş gelen-ä dälsiň,
Şeýle bolsa, git sen ötünç soraman.
Beýle boljak bolsa,
aňsa-da düşmez,
Juda kyn bor öz janymy goramam.

■ SOWAL

Üýtgeşik geldiňmi ýagty jahana,
Geldiňmi jahana aglap,
ýylgyryp?
Asuda sähermi,
güneşli günmi,
Ýa apy-tupanmy – çakyp ýyldyrym?!

Eýsem,
bu zatlary bilýäňmi näme,
Mümkin däl ol pursat düşünmek maňa.

Eneň-ataň begendimi enaýy,
Ýa derdin çekdimi seni eklemäň?
Bada geplediňmi,
ýa dymdyňmy kän,
Ýöräp gitdiňmi sen emedeklemän?!

Bilmedim,
ýöne men bir zady bilýän,
Ynsany bir-birne meňzeş däl dünýäň.

Duýgyň nämedigni bilmeýän wagtyň,
Duýgyny goýduňmy akyla garşy?
Her işde öz pikriň arkasyn alyp,
Ýüzjek bolduňmy sen akyma garşy?

Hyýalbentdim,
gudrat gördüm özümde,
Düşündim, bişemsoň durmuş közünde.

Sen özüňde bary-ýoguňy berdiň,
Diýmediň hiç haçan: «Maňa bersene».
Bu gün hakykata gözüň ýetirip,
Uzadýaň eliňi döwük kersene?!

Ahmyr sili gelse,
öňün bekleýän,

Az berdim – özümi men ýepbekleýän.

Şahyr! Bu jogaplaň bolýar ýasama,
Dogryňy diý,
bizden bolmaz hiç zowal.
… Seniň ýaly ejir çekip gezip ýör,
Jogabyny gözläp,
azaşan sowal.

■ DUÝDANSYZ DERS

Ýokaryk dyrmaşyp barýarka däl-de,
Ýagdaý aşak inip barýarka boldy.
Burnuna büdüräp bir gara daşyň,
Sypan ýaly boldy aýagnyň boldy.

Belki, gujur-gaýrat ýa-da tejribe,
Ýa-da soňsuz isleg ýetik bolmansoň,
Maksat belentligne çykyp bilmedi,
Yza döndi oňa ýetip bolmansoň.

Mazaly ölçerip-dökmekçidi ol
Dagyň etegine aşak indigi.
Indi bolsa daşdan ejiz gelensoň,
Ganjaryp dur ejir gören injigi.

Dag etegne çenli esli ara bar,
Ho-ol yzda galypdyr maksatly beýg-ä!
Injigiň ahwaly göze görnüp dur,
Yzasy ýetip dur sarsylan beýnä.

Özi bärde galdy,
ahmyry gitdi
Dumana dulanan gaýaň ýanyna.
Dagy höwes edip gelipdi muňa,
Gynandy özüniň aýalmanyna.

Orta ýolda otyr tutup injigin,
Ýürege ornaýar barha yzasy.

Maksadyna ýetmän döneni üçin
Şu boldumy onuň alan jezasy?!

Ejizläni üçin häzir,
soňra-da
Ýetik boljak onuň urgy – ýepbegem.
Bar zada düşündi – aňsat däl eken
Iň aşaky çäge baryp ýetmegem…

■ HATARLY ÝOL

Seniň o:tdugyňy bilip dursamam,
Şol ýalynly oda elimi urdum.
Elimi eliňe alaňdan soňra
Ataş ajalyndan bir duzak gurduň.

Kakyşdyryp çirkizilen gaşymy
Howruňy yşk öwsen demiňdir öýtdüm.
Möçükdirdiň gyzyl közüň eçilip,
Men bolsa ol közi lebiňdir öýtdüm.

Meýlim ýok,
şonda-da gaçaýjak bolsam,
Seň gujagyň meni mäkäm gabasyn.
Gysylanda, patlawuklar oýanyp,
Töwerege saçaýmasyn lawasyn.

Bagtdan başa inen çykgynsyzlykdan
Aljyran ýüregim juda hopukdy.
Meni halas etjek bolup ýalyndan,
Tas arş inip,
ýerem meni hopupdy.

Köşeşeýin,
seň oduňa çürşeýin,
Tupan turan dünýäm biraz gowzasyn.
Diri galan bolsam, ýanyp oduňa,
Ezizim, gorkunç däl ody dowzahyň.

■ AÝDYŇLYK

Sen şeýlebir bakdyň gözlerňi dikip,
Synlan deý özüňe kalbyn açýany.
Bu pursat özümi oňaýsyz duýdum,
Duýdum men özümi ýalaňaç ýaly.

Günäsiz çaganyň gözi gözleriň,
Ilkinji oýunda meni utduň sen.
Arşdan aşaklygna goýberip bada,
Ýere ýetäýmänkäm, meni tutduň sen.

Ýüzüme garaýan ýalydyň, ýöne
Ruhy dünýämi elediň kemsiz.
Gümana däl gara daşa dönjegim,
Eger iki dünýäm bolaýsa sensiz.

Ykbalda az däldir bagtly pursatlar,
Ýol uzakdyr, duş gelersiň her zada.
Ýöne beýle nazar gaýtalanmaz hiç,
Pagyş-para boldum, geldim lerzana.

Seniň gudratyňa gurban bolaýyn,
Goýduň kysmatymyň soňky nokadyn.
Düşünmejegime düşündim birden,
Seň gözleňden kimligimi okadym.

■ ERTEKI

Bir mütdete ýetse ömrüň paýawy,
Berýärsiň özüňe şeýleräk sowal:
«Kanagat edýäňmi öz ýagdaýyňa,
Etmelimi ömri başgaça dowam?»
Onsoň girýäň içki dünýäň tümlügne,
Maňlaýňy direýäň bir gara daşa.
Öz-özüňi syna,
gorkýaňmy ýa-da
Öz-özüňe göwnüň ýetýärmi aşa?
Içki dünýäň göwsi gowakdan doly,

Bu taýda däl orny ýeňil kelpeziň.
Ynha,
gitse geler,
ynha, gümana,
Bu-da başlangyjy gitse gelmeziň.
Ýok,
Gitse gelmeze gidip biljek däl,
Biljek däl bu ýolda men uzak entäp.
Yzymda etmeli zatlarym galjak,
Garaşýan bar maňa ol taýda entäk.
Bu gowagyň agzy düşnüksiz örän,
Gurşalypdyr onuň durky dumana.
Nämälimlik heläk etdi durmuşda,
Şoň üçin gitjek däl, gitseň gümana.
Öz ýagdaýna görä bolmaly bolsa,
Saýlamaga hukuk bar bolsa eger,
Men ýola düşeýin dessine indi,
Saýlap aldym ýoly — ol gitse geler.
Uzak gitdim, azaşdym öz dünýämde,
Haýykdyrdy meni juda çolalyk.
Ahyr gözüm ýetdi bir zada anyk,
Indi gaýdyp gelmen yza dolanyp.
Gitdim men ýene-de özümden uzak,
Gitdim arzuw-hyýalyma duwlanyp.
Ýalňyşanmy diňe häzir aňladym,
Ejizledim,
ýalňyzlykdan uwladym.
Hiç bir zada ynanmaňsoň, kyn bolýar,
Diýip bilemok men: «Şudur ýazgydym».
Kimdir biri çalşyrypdyr bilgeşlin,
Gowaklaryň agzyndaky ýazgysyn…
Şu ýagdaýa düşen ýeke özümmi,
Ýa munda çürkenen ýene-de känmi?
Biynjalyk edýär meni başga zat,
Indi ertekä-de ynanjak dälmi?!

■ DÜŞÜNDIM

Men saňa ýüregmiň syryn açmandym,
Iň mukaddes zady goýupdym busup.
Özümi terk edip saňa gaçmandym,
Alypdym söýgimi özümden susup.
Meniň ýagdaýymy bada aňmadyň,
Guwanyp gezdiň sen düşen halyňa.
Aglan wagtyň begenjiňden agladyň
Ynanyp duýgulaň salan alyna.
Göwün gözgüsinden çykan mukamy
Gezipdiris diňläp,
ýöne düşünmän.
Gapysyny açman göwün dükany,
Ýygnapdyr malyny ol bütin dünýäň.
Aňmandyrys, bägül gülleýän eken,
Gülleýän ekeni açylan wagty.
Muny hiç birimiz bilmeýän eken,
Sahy,
baý bolýandyr eçilen wagty.
Uzak eken munda ýetmeli menzil,
Ýetip bolmaz oňa asla gyssanyp.
Bu ýolda men sensiz,
sen bolsa mensiz.
Ömür döretmeli uly kyssalyk.
Söýgiň çäksiz bolup bilmegi ahmal,
Ýöne bu söýgüde birlik bolmaly.
Ömürlik maýyldyr Zemine asman,
Sabryň ömre bol ýeterlik bolmaly.

■ DUÝDURYŞ

Nämüçindir indi ýygy-ýygydan
Göz öňüne gelýär çagalyk döwri.
Kömelek gözlärdik,
tapaýsak birin,
Diýerdik: «Meniňki,
meniňki höwri».
Süýtreňk gijeleň göwsüne çümüp,

Gizlenerdik duşdan geçýän ýyllardan.
Gyzlaň gulpagyna dakardyk käte,
Ýasap sümsüläni çeýe tallardan.
Ornuňa geçmeseň, awunarsyň sen,
Oýnalan mahaly şowhunly çilik.
Bolsa-da arada öýkedir kine,
Ilki söz gatarsyň, saýman kiçilik.
Şallak oýnap,
ýadap, suwdan çykaňda,
Ýene-de atarlar saňa şildirim.
Gizleseň-de syrly bakýanňy gyza,
Durandyr gözleriň muny bildirip.
…Bu gün bir-biregiň kemin gözleýäs,
Bolmasa-da, ondan tapýas kemçilik.
Ynanyp bilemzok,
bar zatdan beter
Söýýäris müňkürlik diýen kemçini.
Kalbymyzy,
ýüregini özgäniň
Bilýäris hiç zatsyz ýöne ýaralap.
Kalbymyzyň päkligine ynanýas,
Başga biriniň ykbalyny garalap.
Bütinleý gark bolup garaňky gijä,
Ýörüs gara netimize bogulyp.
Indi bizi halas edip biljek ýok,
Geläýmesek, biz täzeden dogulyp.
Käte taýak degýär bu gün burnuňa,
Ýogsa çar tarapa birçak dagadyk.
…Özümiz ulaldyk,
alada uly,
Hany päklik,
hany gamsyz çagalyk?
Näçe uzak bolsa çagalyk bizden,
Ömür uzalanok,
Gaýta azalyp
Barýar,
Çuňňur oýlanmaga pursat ýok birem

Ol tarapda arkaýynrak ýatmasaň.
Birmahallar çaga bolupdyk bizem,
Gaýdyp gelmez,
Indi diňe ýatlama…
Ýöne kyn bor, eger şony tapmasaň!

■ BAGLANYŞYK

Ýatan ala köpek,
Gulagy salpy,
Tisginip turdy-da,
Paş edýän mysaly ullakan galpy,
Uzyn-uzyn uwlap,
Örüzdi halky.
Muňa ähli kişi garaşýan ýaly,
Bar pişesin goýup garady oňa.
Öňe alnan nahar mähetdel galdy,
Köp bähbitli işler goýuldy soňa.
Jabjynyp,
ýabjynyp üýrýän köpegiň
Gohuny göterdi obaň itleri.
Älem-jahan güwläp duranam bolsa,
Olaryň sesleri ýitip gitmedi.
Itleň galmagaly möwjedi barha,
Bar ýaly bu sesde başgaça many.
Ýüzün göge tutup uwlasalaram,
Hut bize bir zatlar diýäýýän ýaly.
Soňra ördi goňşy obaň segleri,
Bu tolkun ýaýrady dünýäň çetine.
Dört aýakly planeta dilmaçsyz
Jogap berýär biziň obaň itine.
Älemde bir-birne bagly haýwanlaň
Jigerinden syzyp çykdy bu owaz.
Çözülmän galsa-da esasy sowal,
Bu gepleşik uzak etmedi dowam.
…Belki, itler berjaý etdi borjuny,
Duýdurmakdan tapýar olar yrsgyny.

Ynsandan has ozal duýýarmyşynlar
Olar Ýeri çöwrüp biljek sarsgyny.

■ AHWALAT

Çäksiz bagtyň asan sallançagyny,
Durka ykbal ýeli mähirli üwräp,
Seň inçe biliňden mäkäm gujaklap,
Gaýtdym şol uçutdan tümlüge güwläp.
Ýitirip geçilen aýlaw sanyny,
Bir sapaga hünji deýin düzüldik.
Düzläp tebigatyň başky ýalňyşyn,
Birleşip, biz bu dünýäden üzüldik.
Çykdyk islegmiziň aňry çägine
Leýis boldy arzuwlanan meýilleň.
Gerek däl ekeni ýumşak körpençe,
Düşek bolýan wagty ýuka geýimleň.
Ýeriň aýlanýanyn duýdum mazaly,
Bagtdan ýaňa serhoş başym aýlanyp.
Düşündim men munda gyssananyma,
(Ýa-da has dogrusy gyssalanyma)
Soňra serhoşlukdan sähel aýňalyp.
Heý, bu giden gözelligem bolarmy,
Zerre zat ýok munda hiç artyk-süýşük.
Barmagynyň dyrnagyndan
Saçynyň ujuna çen,
Ähli zat bal ýaly,
Asal deý süýjük.
Eger özüň pena bolsaň üstüne,
Küýsemersiň Erem bagyň saýasyn.
Hopugan mahalyň çäksiz bagtyňdan
Geler ony ýuwdaýasyň.
Heý, beýle ter näzikligi,
Sazlaşygy bormy hasaplap sähel?
Köşeşdi az-owlak joşan duýgular,
Uýalyp, biz taýa garanda säher…

Orazguly ANNAÝEW,

Türkmenistanyñ halk ýazyjysy.

# "Garagum" žurnaly, 2019ý, N=1,2.

Goşgular